**Türkmenistanyň Statistika**
**baradaky döwlet komitetiniň**
**2023-nji ýylyň 21-nji noýabryndaky**
**№96-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№ 5-durmuş goraglylygy “Gartaşan adamlara we maýyplygy bolan adamlara durmuş taýdan hyzmatyny etmek barada hasabat” (çärýeklik) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

№ 5-durmuş goraglylygy “Gartaşan adamlara we maýyplygy bolan adamlara durmuş taýdan hyzmatyny etmek barada hasabat”, çärýeklik, formasy boýunça hasabaty Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi Türkmenistan, welaýatlar, Aşgabat şäheri we Arkadag şäheri boýunça jemleýji hasabaty Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetine jemleýji hasabatlary hasabat döwründen soň aýyň 10-na tabşyrýar. Görkezijileri hasabat döwrüniň ahyryna (31-nji mart, 30-njy iýun, 30-njy sentýabr, 31-nji dekabr ýagdaýyna) görkezilýär.

## 1 BÖLÜM.
## GARTAŞAN ADAMLARA WE MAÝYPLYGY BOLAN ADAMLARA DURMUŞ TAÝDAN HYZMATYNY EDIŞ EDARALARY

01-nji setirde gartaşan adamlara we maýyplygy bolan adamlara durmuş taýdan hyzmatyny ediş edaralary hasabat ýylyndan soňky ýylyň 1-nji ýanwaryna hereket edýän hakyky sany görkezilýär. 02-nji setirde ýaşaýan ýerinde durmuş hyzmatlaryny edýän bölümleriň sany görkezilýär. 03-nji setirde gündizki bölümleriň sany, 04-nji setirde gije-gündizki bölümleriň sany görkezilýär.

05-nji edaralarda gartaşan adamlara we maýyplygy bolan adamlara niýetlenen orunlaryň hakyky sany görkezilýär.

06-njy setirde işgärleriň sanawy hasabat döwründe ortaça sany görkezilýär.

07-nji setirde işgärleriň sanawynyň ortaça sanyndan durmuş hyzmaty işgärleri aýratyn görkezilýär.

08-nji setirde indiki hasabat döwrüniň soň aýyň 1-ne edaralarda hyzmat edilýän gartaşan adamlaryň we maýyplygy bolan adamlaryň umumy sany görkezilýär.

9-njy setirde ýalňyz gartaşan adamlar we maýyplygy bolan adamlar görkezilýär.

10-njy setirde garyndaşlary bar bolan gartaşan adamlar we maýyplygy bolan adamlar görkezilýär.

9-10-njy setirleriň jemi 8-nji setire deň bolmaly.

## 2 BÖLÜM.
## HYZMAT EDILÝÄN GARTAŞAN ADAMLARYŇ WE MAÝYPLYGY BOLAN ADAMLARYŇ JYNSY WE ÝAŞY BOÝUNÇA SANY

Bu bölümde Edaralaryň ähli bölümleri tarapyndan hyzmat edilýän gartaşan adamlaryň we maýyplygy bolan adamlaryň sany jynsy we ýaşy boýunça bölünip görkezilýär.

01-nji setiriň maglumatlary 1-nji bölümiň 08-nji setirine deň bolmaly.

02-nji setirde Edaralarda hyzmat edilýän gartaşan adamlaryň we maýyplygy bolan adamlaryň umumy sanyndan (1-nji setirden) erkekleriň sany aýratyn görkezilýär.

03-07-nji setirlerde erkekleriň umumy sanyndan (2-nji setir) ýaş toparlary boýunça erkekleriň sany görkezilýär.

08-nji setirde Edaralarda hyzmat edilýän gartaşan adamlaryň we maýyplygy bolan adamlaryň umumy sanyndan (1-nji setirden) aýallaryň sany aýratyn görkezilýär.

09-14-nji setirlerde aýallaryň umumy sanyndan (8-nji setirde) ýaş toparlary boýunça aýallaryň sany görkezilýär.

15-nji setirde Edaralarda hyzmat edilýän gartaşan adamlaryň we maýyplygy bolan adamlaryň umumy sanydan (1-nji setirden) maýyplygy bolan adamlaryň sany aýratyn görkezilýär.

16-17-18-nji setirlerde hyzmat edilýän adamlaryň umumy sanyndan degişlilikde I, II we III topar maýyplygy bolan adamlaryň sany görkezilýär.

## 3 BÖLÜM.
## GARTAŞAN ADAMLARA WE MAÝYPLYGY BOLAN ADAMLARA DURMUŞ TAÝDAN HYZMATYNY EDIŞ EDARALARYŇ IŞI BARADA MAGLUMAT

01-nji setirde “Harajatlar – hemmesi” gartaşan adamlara we maýyplygy bolan adamlara durmuş hyzmatlary etmek üçin we Edaralaryň jaýlaryny düýpli abatlamak üçin hasabat döwrüniň harajatlary görkezilýär.

02-nji setirde “Gündelik harajatlar” hasabat ýylynda iýmite (03-nji setir), derman serişdelerine (04-nji setir) we gaýrylara (05-nji setir) gündelik harajatlary görkezilýär.

06-njy setirde “Düýpli abatlamak üçin harajatlar” Edaralaryň jaýlaryny düýpli abatlamak üçin hasabat döwrüniň harajatlary görkezilýär.

02-nji “Gündelik harajatlar” we 06-njy “Düýpli abatlamak üçin harajatalar” setirleriň jemi 01-nji setire deň bolmaly.

**Durmuş statistikasy müdirligi**